# Gökdepe Tragediýasy

## 1881-nji ýylyñ 12-nji ýanwary

## (Hatyramy ýa-da MATAM güni ?!)



**Gökdepä hüjümde ruslara ýardam berendigini Eýranyñ boýun alýandygy hakyndaky dokumet**

"مضمون ترجمه تلگراف رمز حضرت اجل امجد افخم امین السلطان وزیر دربار و داخله و غیره که بفرانسه ترجمه و بوزارت امور خارجه روس ابلاغ شد

البته دولت بهیه روسیه همراهیهای دولت علیه{ایران} را در وقت لشکرکشی آخال و غیره نشان داده و همچنین وعده های خود راکه در مقابل آنهمه همراهیها که سرحدات را همیشه منظم و آسوده نگاهدارد فراموش نکرده است."

*Eýranyñ köşük hem-de içeri işler ministeri Emin ul Soltanyñ Orsýetiñ daşary işler ministerligine ýollan hatynda Ahal goşun çekilende Tahranyñ ýetiren kömeginden rus döwletiniñ minnetdar bolandygyny we bu ýagşylygy unutmandygy agzalýar.*

*(Eýranyñ dokumentler arhiwiniñ matariallaryndan)*

ایلکینجی گزک ۱۹۹۰ ـ نجی یئلدا "آغزی بیرلیک حالق حرکتی" گؤک دپه ده شهید بولانلارینگ موقاددس روحونی بلنده گؤترمک ماقصادی بیلن حرکت ادیپ باشلادی. تورکمنیستانینگ کامونیستیک پارتیاسی نینگ شول واقتقی بیرینجی سکره تاری و یوردونگ پره زیدنتی ساپارمئرات نیازوف دیش- دئرناق بولوپ اونگا غارشی چیقدی و صاداقا غاتناشجاقلارا ک گ ب سینی کؤشگوردی. اما حالق برک دوردی و صاداقاسینی بردی. چأره سینی غوتاران نیازوف بو حرکتی اؤز الینه آلماق ماقصادی بیلن بو یاس گونینه بولوغسیز "حاطیرا" گونی دیيپ آت بردی. اول اؤزی نینگ گؤک دپه تراگه دیاسی حاقیندا یایرادان بیان ناماسیندا شئیله دیيپدی:

**ТҮРКМЕНИСТАН ССР-ниң**
**ПРЕЗИДЕНТИНИҢ ПЕРМАНЫ**

**ХАТЫРА ГҮНИ ХАКЫНДА**

Бу хелəкчиликде түркмен халкының-да, рус халкының-да, бейлеки халкларың-да гүнəси ёк. Гөкде-

Соң-соңлар түркмен, рус халклары ве юрдумызың бейлеки халклары өзлериниң гатнашыкларыны ве ыкбалыны хошниетлилик билен гурдулар ве чөздүлер. Халкларың арасындакы достлук, оларың до-

Республиканың зəхметкешлериниң ислеглерини канагатландырып карар эдйəрин:

1. Вепат боланларың мукаддес ядыгəрлигиниң хатырасына 1991-нҗи йылдан башлап Түркменистан ССР-ниң территориясында 12-нҗи январы хер йылда Хатыра Гүни дийип беллемели.

**Түркменистан Совет Социалистик Республикасының Президенти С. НЫЯЗОВ.**

"بو بو هلاکچیلیکده تورکمن حالقی نینگ- دا، روس حالقی نینگ- دا، بئیله کی حالقلارینگ- دا گنأسی یوق.
گؤک دپه ده همه لرینگ غانی دؤکولدی. سونگ- سونگلار تورکمن، روس حالقلاری و یوردومیزینگ بئیله
کی حالقلاری اؤزلری نینگ غاتناشیقلارینی و اقبالینی حوش نیت لیک بیلن قوردولار و چؤزدولر.
حالقلارینگ آراسیندا دوستلیق و دوغانلیق و رایداشلیق برقرار بولدی." [1]

**************************************

## *1-nji Ahalteke ýörişi (1879-1880)*

**Ruslar Gökdepä hüjüm etmezden ozal, ozaly bilen Hywa ýomutlaryny boýun egdirýärler. Şondan soñra Ahala tarap hüjümlere ymykly taýýarlyk görlüp başlanýar. Edil şol döwürde Ahalda-da syýasy tolgunyşlar möwç alyp başlaýar.**



**Hywa ýomutlaryny gyran rus generaly Kaufman**

**1873-nji ýylyñ noýabrinde- Hywa boýun egdilenden soñra, Kawkazyñ gubernatory „Mihail“ Hazar bilen Aral deñziniñ aralygyndaky ýerleri emperatrlyga birikdirmek baradaky planyny patyşa ýollaýar. Ol şeýle-de general Lomakini Şagadama iberýär.**

[1] **N.Hojageldiýew: Skobelew milli gahrymanmy ýa-da...?! TKP MK-nyñ neşriýaty. Aşgabat. 1991**



1-nji Ahalteke ekspeditsiýasyna gatnaşan rus generallary:
Solda: Ivan Davidoviç Lazarew (Lazariýan/ermeni)
Sagda: Nikolaý Pavloviç Lomakin(1830-1902)

Zakaspi harby bazasyny dörekmek baradaky Mihaliñ planyny patşa makullaýar we bu baradaky permana 1874-nji ýylyñ 21-nji martynda gol çekýär. Şonda döredilјek täze merkeziñ-soñraky Zakaspi oblastynyñ, Kawkazdaky harby gubernatorlygyñ kontrollygynda durmalydygy, Hazaryñ gündogar kenarynda «Mangyşlak» we «Krasnowodsk»den ybarat iki okrugyñ döredilmelidigi burulýar. Şeýlelik bilen şol ýylyñ 12-nji aprilinde Zakaspi oblastiniñ döredilendigi jar edilýär. Oña bolsa general Lomakin baş edilip bellenýär.[2]

Lomakin, türkmen hanlaryna hat ýollap, olary patyşa permanlaryna boýun bolmaga çagyrýar. Soñra bolsa ýomutlar bilen tekeleriñ arasyna agzalalyk sakmak maksady bilen tekeleriñ hüjümine garşy ýomutlaryñ goldanýandygyny öñe sürýär.

1874-nji ýylyñ aýagynda „Sopy hanyñ“, „Dykma serdaryñ“ we „Garaja hanyñ“ ýolbaşçylygynda türkmen topary Şagadama baryp gen. Lomakin bilen duşuşýarlar. Lomakin olary gyzgyn garşy alýar. Onuñ maksady, boýun bolmak isleýän toparyñ sanyny artdyrmakdan ybaratdy.[3]

Ýagdaýyñ çylşyrymlaşýandygyna göz ýetiren „Nurberdi han“ bütin han-begleri uly gurultaýa çagyrýar. Şonda ruslara garşy ýaragly söweşmek barada karar kabul edilýär. Soñra Nurberdi han Mara gidip, Gowşut han bilen ruslara garşy göreşmek barada ylalaşýar. Gowşut han Kabula ilçi berip, ruslaryñ türkmen topragyna hüjüm etmäge taýýarlanýandyklaryny habar berip, owgan hökümetinden ýardam soraýar.

Günbatardan Lomakin syýasy we harby taýdan hüjüme taýýarlanýarka, gündogardan polkownik „İwanow“ Mara tarap süýşýär. Gen. Lomakyn 1874-nji ýylyñ oktýabrinde Peterburga hat ýollap „Eger-de Hywa we Türküstanyñ beýleki ýerlerinde abraýy elden bermejek bolsak, haýal etmän, türkmen topragynyñ basylyp alynmalydygyny“ teklip edýär.[4]

General Lomakiniñ ýolbaşçylygynda 1879-njy ýylda 30.000 adamdan ybrat rus goşuny Gökdepe galasyna hüjüm edýär. Ýöne olar yza serpikdirilýär. Şonda: „...Leşgeriñ üçden bir bölegininiñ jesedini, söweş ýerinde goýmaga mejbur bolduk, eger soldatlarymyz duşmany yzyna sepdirmekdik bolsady, biziñ ähli esgerlerimiz gyrylýardy,... wah, it masgarasy bolduk...“ diýip, söweş hakyndaky ýatlamasynda Baranowskiý belleýär.[5]

## *Ekespeditsiýa haçan we nädip başlandy?*

---

[2] Grodokow: Waýni W Turkmenii Tom I s.113
[3] Prof. Dr. M.Saray:The Türkmens in the ege of imperialism. Ankara 1989. s 115 (Britan diplomaty Napiere salgylanyp)
[4] Grodokow. Şol ýer
[5] B.A.Tugan-Mürze-Baranowskiý: Ruslar Ahaltekede. 1879. İlkin çap S.Petrburg. 1881. Türkmençä terjime eden Serdar Aşyrow.Ýurt neşriýaty. 1993

„1879-njy ýylyñ başynda Köpetdagyñ demirgazyk gerşi bilen Garagum çölüniñ arasynda ýaýlyp ýatan Ahalteke sebtinde ýaşaýan teke taýpasyna garşy hüjüme geçmek barada karar kabul edilipdi. Ekespeditsiýanyñ germi giñden tutulýardy, ol baradaky taýýarlyk çäreler adatdan daşary gizlinlikde alnyp baryldy“ diýip, Baranowski ýatlamasynda nygtaýar.

Ahalteke ýörişi diñe maý aýynyñ ortalarynda jemgiýetde ýetirlipdi. Adamlaryñ bir topary ekespeditsiýanyñ, Angliýa göz etmek üçin alnyp barylýandygyna ynanýardy. Angliýa tiz wagtyñ içinde Kabuly eýeläp, Hyrata tarap geljek, şonuñ üçin, onuñ öñüni almaly diýen pikir giýñ ýaýraýar.

Bu ýörişe itergi beren ýene bir mesele-de ol ýerde ýaşaýan türkmenleriñ, Eýranyñ täsirine düşmekden edilýän howatyr bolupdyr.

Herekete geçilmezden ozal, tire-taýpa arasyndaky agyzalalyklara has-da miçew berilýär. Ylaýta-da ýomutlar bilen gökleñleri, tekeleriñ alamançylykly ýörişlerinden goramak maksady öñe sürülýär. Hywa hanynyñ, türkmen kerwenlerini talamagyñ bes ediljegine söz berilýär.

## *Ermeni asylly genral Lazariýan (Lazarew) Hazaryñ gündogarynda*

1879-njy ýylyñ 1-nji iýulynda Ahaltekä ýöriş etjek toparyñ kamandiri general Lazarew öz harbylary bilen Bakuwdan ugrap, ertesi gün Çekişlere gelip ýetýär. Bu ýerde oña şirwan, gürji, ermeni we beýlki atyjylar topary goşulýar.

Ol başda, ýörite topary sähra iberýär. Olara Sumbar we Etrek derýalarynyñ boýlaryny tekizlemek, gerek bolan ýerlerde guý gazmak ýaly işler tabşyrylýar.

31-nji iýulda bolsa ir sagat 6-da alty topardan ybarat goşun Çekişlerden, gündogara tarap ýola düşüp, 8-nji awgustda Çat berkitmesine baryp ýetýär, soñra goşun Sumbar derýasynyñ kenary bilen Çendire tarap süýşýär we Tersakan jülgesine baryp ýetýär.



Diñli depe. Grokdokowyñ kitabyndan

## *Lazarewi çybyn çakyp öldürýär, Lomakin iş başyna geçýär*

*„Tersakan jülgesi örän çetili-çerkezli bolup, ol ýerde dürli mör-möjek, esgerleriñ öñe süýşmegine böwet dördýärdi. Çybynyñ zäherinden 13-nji awgustda general Lazarew amanadyny tabşyrdy. Hojagalada, bize birigen general Lomakin, harby ýörişe baştutanlyk edýändigini jar etdi...14-nji sentýabrda biz Börmeden ýola düşdük... Gökdepä birigýän Diñlidepe obasy bar... Gökdepe galasy gyşygrak dört burçluk*

*şeklinde bolup, onuñ diwarlarynyñ uzynlygy 240 sajendan 720 sajene çenli bolupdyr (her sajen 340m). Galanyñ köp çykalgalary barmyş. Diwarlarynyñ galyñlygy bolsa düýbünde 5 sajen bolupdyr. Diwarlarynyñ gerşiniñ galyñlygy hem 3 sajene golaý bolupdyr. Dürli maglumatlara görä, galanyñ içinde 25 müñden 40 müñe çenli goraýjy şol sandan 7 müñden, 10 müñe çenli atly jemlenipdir... olar 12.000 gara öýlerde ýerleşipdirler...Sebtiñ birleşen güýçleriniñ baştutany Nurberdi hanyñ buýrugy boýunça, esgerleriñ maşgalalary galada galmalydy, sebäbi onuñ aýtmagyna görä, tekeler öz bala-çagalaryny goranynda has batyrgaý söweşýärmiş.*

*Ruslaryñ bu ýere çozmagyndan ozal Ahalyñ serdarlary we has abraýly işan-mollalary Gökdepä geñeşe ýygnanypdyrlar, Maryñ hany Nurberdi hanyñ agtygy Berdimyrat handan Gara batyrdan başga şol ýerde Gurbanmyrat han, Rahymberdi han we Magtym han bolupdyr. Olar ahyra çenli söweşmegi karar edipdirler. Nurberdi hanyñ özi-de alty müñ atlysy we alty topy bilen Marydan Gökdepä ýola düşüpdir...Gala top okuna tutuldy, galadan çykyp, gaýtawul berenler-de boldy...Geñ bir wakany aýdaýyn... jarýn içinden biziñ esgerlerimize üç gezek ok atyldy, soldatlaryñ birnäçesi şol ýere at saldylar, şonda olar sapançasyna ok salyp duran ýaş aýal maşgalanyñ üstünden barýarlar, onuñ gapdalynda ýene-de iki sapança ýatan eken. Soldatlar ony tutup, bölüme getirip, goşun başlygynyñ ýanyna eltdiler. Goşun başlygy ol aýal maşgalany arkaýynlaşdyrmak üçin terjimeçiniñ üsti bilen oña şeýle diýipdir: „Gorkma, saña ýamanlyk edilmez“. Ýesir aýal bir ädim yza çekilip, hemmelere gazaply nazar aýlap: „Men hiç zatdan gorkamok, eliñizden gelenini aýamañ. Ýöne, siz kapyrlar, bizden gorkuñ we eýmeniñ, sebäbi siziñ hiç biriñiz biziñ ýurdumyzdan aman gitmez“ diýip, buýsançly jogap beripdir. Juwan hem merdana bu aýalyñ sözleri hemmeleri haýrana goýupdyr, ýöne şonuñ bilen bir wagtda oýlandyrypdyr; Biziñ duşman {Türkmenler.AG} baradaky pikrimiz üýtgäp başlady. Ýaş aýaly boşadyp goýberdiler. Başga bir ýerde, añyrrakda, ýabyñ içinden ýene-de eli ýaragly bir aýal tapyldy, ýaşy ötüşen, ýöne gujurlyja kempir, duşmandan geçýän bölümleri oka tutýan eken. Ýöne onuñ kysmaty ýaman boldy we gazaba gelen soldatlar ony tutan ýerinde öldürdiler...Türkmenleriñ berk gaýtawulyna çydaman, 30-njy awgust agşamy yza çekilmeli bolduk... şeýdip, galan esgerlerimiz bilen Hazar ýakasyndaky bazamyza gelip ýetdik.“ Diýip, 1-nji Ahalteke urşuna gatnaşan Baranowskiý öz gündeliginde belläpdir.*

**Marydan Nurberdi han gaydyp gelýär. Ol urş barýarka syrkaw ýatan eken. Nurberdi han agtygy Berdimyrat hanyñ wepat bolanlygyna gynanman, şeýle diýipdir:**

– ***Ähli adamlar üçin şeýle agyr günde men pyda çekmedik bolsam, bu meniñ üçin ullakan masgaraçylyk bolardy, sazanda Gönübegiñ ölümi maña has agyr degdi. Bu biziñ üçin orny dolmajak ýitgidir. Başga Gönübek dünýä inmez” diýip, Nurberdi han nygtapdyr. Şehitleriñ arasynda Dykma serdaryñ ogly Hanberdi serdar-da bolupdyr.[6]***

**Şondan biraz soñra Nurberdi han aradan çykýar, ony ruslaryñ iberen adamlary awy berip öldüripdirler. Umuman, ruslar şowsuzlyga uçranlaryndan soñ, parslardan, özbeklerden, tatarlardan hem başgalardan**

---

**[6] İlkinji Ahalteke urşy hakynda “Turkmenowedeniýe” jurnalynyñ 1927-nji ýyl, 1-nji sanynda, polkownik Seýitmyrat Owezbaýew şol söweşe gatnaşan bir türkmeniñ ýatlamasyny çap edipdir.**

Ahala öz jansyzlaryny iberip durupdyrlar. Nurberdi hanyñ ölmegi bilen Ahaly goramakda hem il-gün hakda alada etmekde uly at-abraý gazanan adamdan mahrum boldy. Tähran bilen Buhara, Nurberdi hany Ahalyñ hakyky hany diýip ykrar edipdirler. Osmanly döwleti-de Nurberdi han bilen görüşmek üçin öz ýörite ilçisini Ahala iberipdir. (Seret: Mehmet Eminiñ Orta Asiýa syýahaty. Istanbul 1302). Ony köpçülik birnäçe gezek han saýlapdy, birnäçe gezek hanlykdan kowupdy, ýöne şonda-da ony hemişe hormatlaýardylar hem ykrar edýärdiler. Orazmämmet han bilen Atalyk, ruslar bilen parahatçylykly gatnaşyklary ýola goýmaga ýene synanşyk edende welin, öñki garşylyklar ýene gaýtalanypdyr. Gala gutarnykly ýumrulanda, ol uzak wagtlap gabalanda hem hüjüme geçilmezinden ozal galanyñ diwarynyñ esli bölegi partladylanda, Orazmämmet han, Kerimberdi işan, Hanmämmet atalyk wepat boldular.

## *Nurberdi hanyñ roly we onuñ şüpheli ölümi*

Şol döwürde Gyzylarbadyñ hany Sopy han, Börmäniñ hökümdary Dykma serdar, bütin Ahalyñ hany edilip saýlanan Nurberdi han täsirli rol oýnapdyrlar. Ahalyñ hany Garaoglan onbegi aradan çykandan soñ, Nurberdi Ahala han edilip saýlanýar. Ol ganym duşman bolan eýranlylaryñ 1858-nji ýylda Garrygala çozuşynyñ öñüni almagy başaýar hem-de ýomut, gökleñ teke halkynyñ agzyny birigdirýär. Mary ilaty bilen-de birleşmek ugrunda ol ýerden Güljemal han diýen aýala öýlenýär.

19-njy asryñ 70-nji ýyllarynda Nurberdi han we Gowşut han Ahal hem Mary tekeleriniñ arasynda güýçli, diýseñ täsirli rol oýnapdyrlar. Olar türkmenleriñ bu iki bölegini birleşdirmek ugrunda alada edipdirler. Ahalda «Jemhuriýet» ady bilen şura-geñeş gurultaýyny geçirip, oña her tiräniñ aksakgallaryny çagyrypdyrlar.[7]

«Jemhuriýet» aýratyn gerekli wakalary çözmek üçin ýygnalypdyr. «Jemhuriýet» uruş ýa-da ýaraşyk, içerki administratiw düzgüni üýtgetmek, hem-de şerigat meselelerini çözmek ýaly işler dogrusynda karar kabul edipdir. «Jemhuriýetde» garalan işler umumy razyçylygyñ netijesinde çözlüpdir. Han hakykatdan «Jemhuriýete» boýun egip, oña hasabat bermeli bolupdyrlar.»[8]

Şol döwürde Gökdepeli Gurbanmyrat işan, Durunly Rahmanberdi işan, Gorjawly Kerimberdi işan Köşili Seýitmyrat işan dagy täsirli adamlar bolupdyr. Gurbannyrat we Kerimberdi işan barada Grodokow şeýle ýazýar: «Olaryñ ikisi hem hanyñ ýakyn adamlary bolup, maslahatda olar aýratyn ýagdaýa eýe bolupdyrlar. Olar kurhan okamaklygy başaryp, sowatly adamlar bolandyklary üçin diplomatik aragatnaşygy alyp barypdyrlar.»[9]

Abdylsettar Kazynyñ bellemegine görä Nurberdi han 1826-njy ýylda "Megin" obasynda dogulýar. Ol teke taýpasynyñ Togtamyş tiresiniñ Wekil urugyndan. Atasynyñ ady Döwletýar baý, ejesiniñ ady Çagagül eken. Nurberdi 31 ýaşynda Ahal ilatyna han saýlanýar. Ondan ozalky hanlar: Garaja serdar, Salyh serdar, Garry oglan onbegi, Akmuhammet serdar, Öwezsalyh serdar.

Nurberdi hanyñ üç aýaly bolupdyr; Nar (Magtymguly hanyñ[10] ejesi), Rabiga, Güljemal. Güljemal 1913-nji ýylda, 75 ýaşynda Mary sebtiniñ hany bolupdyr.

Nurberdi hanyñ üç sany mürzesi bolupdyr; Ak molla, Molla Öwez kazy, Gulmyrat kazy.

---

[7] Prof. Aga Garryýew: 19-njy asryñ ortasyna çenli Orsýet bilen O.Aziýa... S.Edebiýaty žurnaly 63-nji san. 1948 ý

[8] Aga Garryýew: Şol ýer

[9] N.I.Grodokow: Woyna w Turkmenii, T.1 SPB. S. 67

[10] Magtymguly han Gökdepe galasy synandan soñ ruslaryñ tarapyna geçýär we Zakaspi oblastiniñ häkimi edilip bellenýär. Ol şeýle-de Peterburga, mejlise wekil bolup hem gatnaşypdyr. Nurberdi hanyñ M.Ýüsüp handan bolan ogly Garry han-da ilçi bolup rus patyşasynyñ ýanyna barypdyr.

Aýtmaklaryna görä Nurberdi han “İt ýylynda” doglup, Gökdepe urşunda alty aý öñ, 50 ýaşynda (Low ýyly-Rebii ul ahyr) aradan çykypdyr. Gökdepede jynaza namazy okalyp, Nurberdi han käriziniñ arkasyndaky gonomçylykda jaýlanypdyr.

## 2-nji Ahalatek ekspeditýasy

## General Skobelewiñ ganly ýörişi

1880-1881–nji ýyllarda Hazar deñziniñ kenaryndaky Mikhailow (Balkan) aýlagyndan Gyzylarbatda çenli çekilen «Zakaspi» demirýol gurluşygy harby-strategik ähmiýete eýe bolýar. Oña „harby ýol“ diýlipdir. 1880-nji ýylyñ tutuş dowamynda ol diñe harby ýükleriñ daşalmagyny üpjin edipdi, patyşa goşunlarynyñ türkmen sähralaryna çuññur aralaşmagyny mazaly ýeñilleşdiripdi. Bu demir ýol soñky ýyllarda-da hut şu funksýany ýerine ýetiripdi.



Papaz dogasy bilen Skobelew Ahala tarap ýola düşýär
(Diýar žurnalyndan)

„Orsýet patyşasy 1879-1881–nji ýyllaryñ dowamynda beýleki «wagşyýana» türkmenleriñ hemmesine göz edip, özüniñ günorta Türkmenistandaky iñ güýçli hem iñ erjel duşmanyny biçak zalymlyk bilen kül-peýekun edipdi, Ahal ilatyna derbi-dagyn ediji zarbalar urupdy, olaryñ esasy daýanjy bolan Gökdepe galasyny zabyt edip alypdy. Rus patyşasynyñ Ahaldaky harby hereketleri, Gökdepe galasynyñ synmagy, oña hüjüm edilen döwründe we synandan soñ teke türkmenleriniñ derbi-dagyn edilmegi, galany goraýjylar guma tarap çekilenlerinde, olaryñ yzyndan ýetip gyrgynçylyga salynmagy Türkmenistanyñ Orsýete birikdirilmek prossesinde aýgytlaýjy waka hem öwrülşik pursaty boldy. Bu zatlar Türkmenistanyñ Orsýete birikdirilmek prossesiniñ mundan buýanky gidişine ägirt uly täsir etdi, ony öñünden çözdi“ diýip, taryhçy alym, akademik Myrat Annanepesow ýörite belleýär.



Şöhratparaz rus generaly, aýry sakl lakamly
Mihail D.Skobelew (1843-1882)

General Lomakynyñ ýolbaşçylygyndaky ilkinji Ahalteke ýörişi 1879-njy ýylyñ awgustynda ýeñlişe uçrandan soñ, patyşa hökümeti haýal edmän Ahaly basyp almak üçin ikinji ýörişe güýçli taýýarlyk görüp başlaýar. Bu taýýarlyk gaty düýpli hem Ahalyñ tekelerinden ar almak ruhunda geçirlipdir. 1880-nji ýylyñ ýanwarynda jezalandyryjy toparyñ ýolbaşçysy edilip, 1877-1878–nji ýyllarda Rus-Türk (Osmanly) urşunda tapawutlanan söweşjeñ General Mikhail Dimitriwiç Skobelew bellenýär.

Ol ägirt köp mukdarda ýaragy aýratynam tophana, ok-därini, geýim-gejimi, azygy, mal üçin imidi alýar we daşap başlaýar. Bu zatlary taýýarlamak üçin polkownik N.İ.Grodekow-iñ ýörite komandany demirgazyk Eýranyñ serhet ýakasyndaky raýonlara iberýär. Skobelew gorhanadan alyp bilen hemme zadyny alypdyr, özi hem ol «wagşylara garşy hemme zat gerek bolar, ýeñmek diýmek haýran galdyrmak, onuñ añyna zarba urmak gerek» diýp gaýtalamagy halaýar eken.



Gökdepe hüjüminde ruslar bilen hyzmatdaşlyk eden
kürtleriñ Goçan şäheriniñ häkimi Emir Huseýyn han Şuja-ut dowle
(Grodokowyñ kitabyndan)

Şonuñ bilen bir wagtdaýerli ýagdaýlary bilmek üçin tükeniksiz razwedka (içalylyk) çozuşlaryny geçiripdir. Hut Gökdepä çenli ähli türkmen obalaryny tozdurypdyr, olara hojalyk işleri bilen meşgul bolmaga (ekin ekmäge, hasyl ýygnamaga, mal bakmaga we şm) mümkinçilik bermändir. Orsýetiñ Eýrandaky wekillerinden we serhet ýakasyndaky häkimiýetlerden Goçandaky hem Bujnurtdaki Hurasan kürtleriniñ Ahallylaryñ garşysyna çözüşlar gurap durmagyny haýyş edipdir. Ol 1880-nji ýylyñ 20-nji iýunynda Orsýetiñ Eýrandaky wekiline iberen telegrammasynda şeýle habar beripdir:

> *«Biz ýurdy tä Gökdepä çenli tozdurdyk, Hurasan kürtleriniñ çozuşlary hem Gökdepe bilen Aşgabat aralygyny tozdurmak üçin gurulsa maksada laýyk bolardy. Esasy zat tekeleriñ azyk zapaslaryny, emläklerini otlamakdan, mallaryny ellerinden almakdan ybarat». Ol Çozuşlaryñ möçberini «ýeterlik çäklere» ýetirmegi haýyş edipdir we «däri hem gülle» kömegini etmäge wada beripdir.*

*Orsýetiñ Eýrandaky wekili Zinowiýew, Eýranyñ patyşasy bilen duşuşypdyr we ondan Britanlardan gizlinlikde Skobelewe ýük daşaýyş serişdeleri hem azyk-enjam bilen goldaw we ýardam berjekdigine wada alypdyr. Şeýdip, Ahaly boýun egdirmek işinde Eýran şasy bilen Orsýet patyşasynyñ arasynda doly hyzmatdaşlyk ýola goýulýar.*



“Tekelerden yesir we keller getiren Rzaguli han
Nasertdin şa tarapyndan sylaglandy.”
(Ruznameýe döwlet-e illeýe-ýe iran. Sanii ut döwle)

Ahalyñ ilatynyñ şu hili ýagdaýlarda özüni nähili duýandygyny göz öñüne getirmek kyn däl. Patyşa goşunlarynynñ täze ýörişe taýýarlyk görýändigi bilen baglanşykly her hil myş-myşlar ýaýrapdyr. Bu işde Eýranyñ demirgazyk welaýatlarynda peýda bolan inglis agentleri (jasuslary) aýratynam jan edipdirler. Olar ahyryna çenli söweşmäge çagyrlypdyrlar, ýarag hem pul kömegini wada beripdirler. O'Donowan bolsa ruslaryñ tekelere nähili kysmat taýýarlandyklary barada myş-myş ýaýradypdyr, «erkekler çapyljak, aýalar esgerlere beriljek, ýer hazynanyñ geçiriljek» diýp, wehim salypdyr. Bu hil myş-myşlar onsuzam howply ýagdaýlary hasam çylşyrylmlaşdyrypdry. (Seret: M.Annanepesow. Taryh dogruçyl öwrenilende)

Rus goşunlary eger Ahaly basyp alaýsalar, türkmenleri ýaragsyzlandyrarlar, olary öz ýurdundan sürgün ederler, aýalardyr çagalary bolsa esgerlere paýlap, halky gorkuzýan musulman ruhanylaryñ arasyndaky fanatiklere ýardam edipdir. Ahalyñ şeýle dartgynly ýagdaýa galan ilaty, maslahat sorap Hywa hanyna ýüz tutupdyrlar, goñşy Horasan häkimlerine bolsa «özleriniñ Saragta, Bujnurda, Goçana hem Deregeze göçüp barmaklaryna rugsat etmeklerini, serhet ýakalaryndaky welaýatlardan galla satyn almaga ygtyýar bermeklerini sorap ýüz tutupdyrlar. Ýöne Orsýetiñ Eýrandaky wekiliniñ zor salmagy esasynda olara göçüp barmaga rugsat etmekden hem galla satyn almaga ygtyýar bermekden hem ýüz dönderipdirler. Olar Tejene hem Mara göçüp barmagy ýüreklerine düwüpdirler. Emele gelen ýagdaýdan dynmak üçin, başga-da köp çykalgalar agtarypdyrlar. Bir söz bilen aýdanyñda, tekeler mydama howsylaly ýagdaýda ýaşapdyrlar. Patyşa goşunlarynyñ gelmeginiñ we olar bilen urşmagyny ikujsuzdygy, doly ykdysady gabaw şertlerinde ýaşaýan ilatyñ ýagdaýyny juda kylanlaşdyrypdyr.



Gökdepe goraýjylaryñ harby ýolbaşçysy Dykma lakamly
Öwezmyrat batyr. Grodokowyñ kitabyndan

Bu aralykda bolsa Gökdepä hüjüm etmäge doly taýýarlyk görmek işi dowam edipdir- güýçleri golaýa çekipdirler, ok-däri hem azyk zapaslaryny döredipdirler, demirýol «Balýeşem» duralgasyna çenli ýetirlipdir.

Skobelew bolsa 2-3 sany topar bilen 3-4 sany top alyp, her gün galanyñ töweregine harby gezelenç edipdir. Ol gezelençlerem «esasy türkmenleriñ ruhuny götermäge, olaryñ guma çekilmek hakdaky pikrini başa bardyrmazlyga niýetlenipdir». Ol muny tekeleriñ, rus goşunlarynyñ güýji hakdaky düşünjesini bulaşdyrmak, olarda öz galalarynyñ sarysmazlygyna ynam döretmek, patyşa goşunlarynyñ bolsa beýle köp däldigine, olaryñ bary-ýogy sanlyja topunyñ bardygyna ynandyrmak üçin edilipdir. Skobelew şonuñ ýaly aldawaçly manýowerlerden peýdalanyp, zarba urujy güýçlerini gizlinlikde Gökdepe galasyndan 12 werst (takmyn 14km) günbatarda ýerleşýän «Ýegen batyr» gala çekipdir. 1880-nji ýylyñ dekabr aýynyñ ortalaryna çenli ol ýere 38 harby topar, 100 sany atly topar, skadranlaryñ 11-si, 72 top, 11 roket atýan maşyny, 5 müñe golaý naýzany, 2 müñ gylyçly goşun, 1 müñ topçy jemlenipdir. Bamy obasyndan bärik hem ýene 7 harby topar, mortirallar üçin granadlar getirlipdir. 150 put däri, 1 milion 140 müñ ok, köp mukdar azyk daşalypdyr. Şonça goşunyñ hemmesine 8 müñe golaý düýe, köp mukdarda ýükçi ýaby, 150 forgun we şm hyzmat edipdir. Gepiñ gysgasy Gökdepe galasyna hüjüm edmäge hemme zat taýyn bolupdyr.

Galany goraýjylaryñ ýaragy juda ýöntem eken, esasy sowuk ýaragdan ybarat bolupdyr. «Çalt atýan tüpeñ bilen ýaraglanan häzirki zaman tipindäki goşunlaryñ garşysyna her bir erkek adam özüni nöker hasaplaýan, özüniñ esasy ýaragyny hem gylyç hasaplaýan, söweşiñ esasy görnüşi bolsa garpyşma söweşi hasaplaýan ilat göreşýärdi» diýp hüjüme gatnaşan General Kropotkin ýazýar. Şonça goraýjylaryñ diñe 4-5 müñ tüpeñi bar eken. Olaryñ hem diñe 600-sy 1879-njy ýylda birinji ýöriş döwründe Ruslardan olja alnan berdenkesi eken. Patyşa goşunlarynyñ köp sanly toplarynyñ garşysyna, galanyñ goraýjylarynyñ 6 fontlyk diñe ýekeje mis topy barmyş. 1858-nji ýylda Eýran goşunyndan olja alnan bu topdan günde ýekeje gezek atypdyrlar. Onda-da hakyky top okuny däl-de, daşyna ýag siñdirilen, keçä oralan daş bölegini atypdyrlar. Atylan şol «ok» galanyñ daşyny gaban patyşa goşunlarynyñ pozisýasyna ýekeje gezek hem ýetmändir. Gala alnandan soñ, onuñ içinde 12 müñe golaý öý, başly-barat gazylan ýerzeminler, tümler, olaryñ içinde halylar, geýim-gejimler, aýal-gyýzlaryñ şaý-sepleri, gaznadyr, gap-çanak, dokma enjamlary, oba hojalyk gurallary we şm köp eken.

Galany goraýjylar kömek bermeklerini haýyş edip Mara, Hywa ýomutlaryna, Bujnurt kürtlerine çapar iberipdirler. «Diñe mary topary gökdepä 11-nji dekabra geçilen gije gelipdir. Hut şol günüñ ertiri batyr türkmenler patyşa goşunlarynyñ alkymyna baryp, täzeligi habar beripdirler. «Marydan kömek geldi, biz taýýar, geliberiñ» diýp gygyrypdyrlar. Şondan soñ Mary topary ähli giýjeki çozuşlara gatnaşypdyr we 1881-nji ýylyñ 5-nji ýanwaryna çenli galada bolupdyr.



Gijeki hüjümlere gatnaşan türkmenler.



Erkek aýal dimän gala goraldy

Şeýle ýagdaýda we güýçleriñ şu hili tapawudyna degişli taýýarlyk görlenden soñ, galanyñ daşy gabalyp başlanýar. 1880-nji ýylyñ dekabr aýynyñ ortasyndan başlap, gala her gün top okuna tutulypdyr. 23-nji dekabrda general Petrosowiç ölenden soñ, gala 60 topdan zalp bilen oka tutulypdyr. Top oklarynyñ biri hem «sowa» geçmän, galanyñ içinde ýarylypdyr. Oña jogap ornuna ýaralanan we aman galan adamlaryñ gorkunç sesleri, mallaryñ orlaşygy ýañlanypdyr. Ýöne şol demde bu zalpyñ ýüzlerçe günäsiz çagalary hem aýallary paýhyn edýändigi hakda pikir eden bolmandyr. Tophana galanyñ içini hakyky jähenneme öwrüpdir, goraýjylaryñ üstüne her gün yzy üzülmän top oky ýagdyrlypdyr. Goraýjylar sowuk ýarag bilen gijelerine çozuş etmek bilen jogap berip bilipdirler. Jemi 3 gezek 1880-nji ýylyñ 28-nji, 30-njy dekabrynda we 1881-nji ýylyñ 4-nji ýanwarynda gije çozuşy geçirlipdir. Birinji çozuşa 4 müñ adam göwünli gatnaşypdyr. Şonuñ ýaly köpçülikleýin çozuşlara diñe erkek adamlar gatnaşman, ýarag hem ok olja almak üçin ýaş aýalar bilen 14-15 ýaşly oglan-uşaklar hem gatnaşypdyr. Olaryñ hemmesi gaty ýeñil geýnipdir. Köp adam bolsa çozuşa bütinleý diýen ýaly ýalañaç gidipdir. 4-nji ýanwarda bolsa çozuş şowsuz tamamlanypry. Diñe Marylar söweş meýdanynda 300 adamynñ maslygyny galdyrypdyrlar. Şondan soñ olar meýdan işlerini bahana edip, galany taşlap gidipdirler. Goraýjylar olar bilen kineli aýrylypdyrlar.

1881-nji ýylyñ 7-nji ýanwarynda jesetleri ýygnamak üçin wagtlaýyn ylalaşyk baglaşylypdyr. Dekabryñ ortasyndan 1881-nji ýylyñ 12-nji ýanwaryna çenli –galanyñ baslyp alynana çenli bolup geçen deñ bolmadyk söweşleri, galany goraýjylaryñ horluklaryny jikme-jik beýan edip oturmagyñ zerurlygy ýok. «Özleriniñ gara öýlerinde topa tutulmakdan bütinleýin penasyz galanlarynyñ aşa horluk çekendikleri şüphesiz» diýp, A.Masalow ýazýar.

Galany goraýjylar patyşa goşunlarynyñ galanyñ astyndan nagym gazýandyklaryny bilipdirler. Ýöne olar türkanalyk bilen goşunyñ şeýdip galanyñ içine girmekçi boýlandyr diýp pikir edipdirler, olara gaýtawul bermek üçin gylyçlaryny taplapdyrlar, paltalaryny çalypdyrlar. Ol nagym galanyñ diwarlaryny partladar ýaly 70 put däri goýmak üçin gazylýandyr diýp, olaryñ asla kellesine-de gelmändir. 1881-nji ýylyñ 12-nji ýanwarynda ir bilen kuwatly partlama galanyñ diwarynyñ esli bölegini asmana göteripdir we galany goraýjylary añk edipdir. Şonda-da olar namartlyk edmändirler, gahrymançylyk bilen goranmaklaryny

dowam etdiripdirler. Goraýjylaryň birentegi hatta ýaraly bolanlaryna garamazdan ýüzleriniň reňki öçgün halda, ajaly otlukly nazar bilen garşylap, gaýtawul bermegi dowam edipdir, öňküsi ýaly tutanýerlilik hem taýsyz batyrlyk bilen söweşipdirler. Ýeňişe hiç umyt ýok wagtynda şeýle batyrlyk bilen söweşmegi «has-da uly hormata mynasyp bolupdyr».



Gökdepe galanyň partladylşy we ruslaryň gala girişi

Patyşa goşunlaryna «esir almak gerek däl» diýen buýruk berilipdir. Şonuň üçinem erkekleri öňe saýlanar ýaly edipdirler we olary zalp bilen oka tutupdyrlar. Söweş gaty gazaply bolupdyr, galany goraýjylar iň soňky demlerine çenli söweşipdirler.



Bujnurdyň häkimi Saham-ut-döwläniň Gökdepe urşy we galanyň basylyp alynyşy barasynda Tahrana iberen raporty (Eýrnanyň milli arhiw merkezinden)

Jezaberiş goşunlaryň merkeziniň başlygy Grodokow şeýle ýazypdyr:

> *«Doly gyrgynçylyk edildi. Maddy ýitgisiz ýeňşiň nämedigini bilmeýän Azyýada hut şonuň ýaly gyrgynçylyk geçirmelidi. Gyrgynçylyk, Skobelewiň entek Peterburgdekä arzu eden möçberine baryp ýetdi. Ol diňe aman galan uly adamlaryň aklyny haýran etmek bilen çäklenmän, geljek nesilleriň hem ýadynda galsa gerek, bu olaryň*

*añynda has-da uly möçberlere ýeter. Beýle gyrgynçylyk Gökdepe zabt edilmezden boýun egdirlen halatynda-da hokman bolaýmalydy.»*

Galanyñ baslyp alynmagyna gatnaşan A.Maslow hem goranýan ýa-da halas bolmaga jan edýän adamlaryñ üstüne esgerler zalymlyk bilen dopulýardylar, olary naýza mündirip, ýokary göterýärdiler, gapyrgylarynyñ arasyna naýza sançýardylar, tüpeñi mazaly diýräp atýardylar, tüpeñiñ gundagy bilen şeýle bir urýardylar welin, olaryñ kellesi, hem tüpeñiñ gundagy hem çym-pytrak boýlardy diýp ýazýar. Kropotkin hem galanyñ içiniñ «elhenç görnüşe eýe bolandygyna» şaýatlyk edýär. «köp maslyklar ençeme gün bäri ýygnalman ýatyrdy. Käbir öýleriñ içi maslykdan doludy» diýp ol ýazýar. Gorodokow onuñ aýdanlarynyñ üstüni ýetirip şeýle ýazýar: «Gabaw wagtynda tüpeñ we top odunyñ zarbasyndan duşmanyñ[türkmenleriñ] nähil elhenç ýitgi çekendigine diñe gala alnandan soñ göz ýetirmek mümkin boldy. Galanyñ içinde 15-e çenli üýşüp ýatan ölüleri görmek boýlardy. Bu zatlaryñ hemmesinden soñky günlerde duşman öz ölülerini jaýlaman, ýöne bir ýere üýşrüp goýan bolarly diýen netije çykarmak mümkindi...». Gepiñ gysgasy, general Skobelew özüniñ arzuly maksadyna ýetipdir, gala synandan soñ ýeñijileriñ ýowuz dabarasyny gurapdyr. Atly goşuny hut onuñ özi gala hüjüme alyp gidipdir. Galanyñ içinden geçip, yza çekilýän goraýjylary tä garañky düşýänçä 15 werstläp kowup gidipdir. Pyýada goşun hem onuñ yzyna düşüpir we 10 werst ýol geçipdir. Rus goşunlary «guma gaçyp barýan duşman bosgunlarynyñ gürmek ýerlerini oka tutupdyrlar we bosgunlary rehimsizlik bilen gyrypdyrlar. Bosgunlaryñ yzyndan kowgy dowam edýärkä, galanyñ içinde «arassalaýyş» geçirilipdir: öýleriñ içinde gizlenip galan köp sanly tekeleri gözläp tapypdyrlar we tä iñ soñkusyna çenli gyrypdyrlar». Zähresi ýarylara gelen aýal bary aman diläp, öýleriñ arasynda iki ýana çapalanypdyr.

Galanynyñ goraýjylarynyñ onuñ basylyp alnan güni näçe ýitgi çekendigi barada dürli maglumat bar. Ýöne olaryñ köpüsi 8 müñ adam diýen sany agzaýarlar. 5 müñ aýal hem çaga ýesir alnypdyr. Olar gala gaýtarylyp getirilipdir we açyk asmanyñ astynda uzakly giýjäni ukusyz geçiripdirler. Olaryñ daş-töweregini saldatlar gabap alypdyr. M.A.Terentwyñ aýtmagyna görä, aýalar özlerini kanuny olja hasaplapdyrlar şonuñ üçin hem esgerleriñ aýalarla bolan gatnaşygyna «gözlerini ýumup seredipdirler». Hazyna olja ähli goş-golamy bilen 12 müñ öý, köp mukdarda ýarag we mal, 23 müñ put uwm we şm düşüpdir. Galan emlägiñ bary esgerlere paýlanypdyr.

Galanyñ synan gününiñ ertiri, Skobelew dört günüñ dowamynda talaña rugsat beripdir. Galanyñ düýbünde bazar açylypdyr. Soldatlar galadan gaty köp mukdarda haly, kümüş, şaý, uýan, gap-gaç, geýim-gejim we beýleki zatlary şol ýere daşap ugrapdyrlar. «Talanan halylaryny 3 ýa 5 manada satýardylar»-diýp Terentow ýazýar. Süpük ermeni jerjisleriniñ 100 manatlyk zady bir bulgur araga aýlan wagtlary hem seýrek bolmaýardy. Talañyñ başky iki gününde soldatlar her gezek galadan haly ýüküni tutup gelipdirler we olary goşunyñ ýanynda boýlan ermeni jerjislerine mugtyna diýen ýaly satypdyrlar. «Niredendir bir ýerden gaty köp mukdarda peýda bolan ermeniler hasam çakgan işleýärdiler»-diýp Kuropatkin hem belleýär. Bahasy 60, 100 manat bolan halylary 3 manada hatta bir manada berýärdiler, ýene ýarym sagatdan başga bir halyny süýräp getirýärdiler-de ýene satýardylar. Köp ofisserler, hatta olaryñ ýokary derejeli hem aýratyn polkownik Atişeweski özleri üçin ummasyz köp haly, kümüş şaý-sepler, ýaraglar topladylar, ofisserler hem soldatlar gaty köp baha zatlary özlerine «ýadigärlik» üçin aldypdyrlar».

Galanyñ içinde diñe ruslar däl, ermeniler hem kürtler-de talañçylyk edipdirler. Kürtler aýratynam wagşyçylyk edipdirler. Olar galanyñ baslyp alynşyna syn edipdirler, maslyga gonjak garga ýaly, gyrgynçylygyñ tamamlanaryna garaşypdyrlar. Şondan soñ bolsa galanyñ içine girip eden-etdilige başlapdyrlar, talançylyk maksady bilen aýallary we çagalary öldüripdirler, gulak halkalary eti bilen

goparyp alypdyrlar, bilezikleri eli çapyp alypdyrlar. Kürt toparynyñ ýanynda bolan pars harby agenti zulfukar han pars esgerlerini halas etmek bahanasy bilen «bäş müñe golaý ýaş gyzlary we aýallary saýlap alypdyr we Germabyñ üsti bilen parsyñ çäklerine ugrapdyr. Olaryñ arasynda ýaşajyk gyzlar hem kän eken. Zulfukar hanyñ hereketine gözegçilik edýän adam bolmandyr, onsoñ aýal daşaýan bu pars harby agenti ummasyz baýlyk toplapdyr».

Trentow, Zulfukar hanyñ ýesir parslardan başga-da iñ owadan aýallary saýlap alandygyny, olar hamana tekeler tarapyndan ýesir alnan aýallar diýip, ynandyrandygyny belleýär. Bu zatlaryñ hemmesi gala synandan soñ, diñe tekeleriñ emlägini talamak bilen meşgul bolmandygyny, müñlerçe ýaş gelin-gyzlaryñ Eýrana sürlüp äkidilendigini hem görkezýär. Bu bolsa öz nobatynda, Eýranyñ Ahal ylatyna garşy urşda Orsýetiñ ýarany bolandygyna şaýatlyk edýär.

Gökdepe galanyñ baslyp alynmagy we ony goraýjylarynyñ gyrgynçylyga salynmagy şeýle tamamlanypdyr. «Gökdepäni sürüp agdarmagy» arzu eden Skobelew 1881-nji ýylyñ 13-nji ýanwarynda galanyñ içinde ýeñijileriñ paradyny geçiripdir. Parad geçmezden öñ bolsa 600 sany parsa eýýam zaýalanyp urgan maslyklary jaýlamagy buýrupdyr.

Ahaly basyp almak Orsýet patyşasyna aşa gymmat düşüpdir. Ony basyp almaklyga taýýarlyk işi hakykat ýüzünde 1870-nji ýylda, patyşa goşunlarynyñ razwedka (içalylyk) geçýäñ kiçijik topary ülkäniñ günbatar çäginde, Gyzylarbatda peýda bolan döwründe başlanypdyr we tutuş 10 ýyllap dowam edipdir. Şu 10 ýylyñ dowamynda gaty köp garpyşyklar we çaknaşyklar bolupdyr. 1879-njy ýylyñ, 1880-1881-nji ýyllaryñ harby ýörişleri şol çaknaşyklaryñ iñ aýlyganjydyr. Patyşa hökümeti Ahaly basyp almak üçin 10 ýylyñ dowamynda 2.920.500 manat harçlapdyr. Şol sanda 1879-njy ýylyñ harby ýörişine 5.525.000 manat, 1880-1881-nji ýyllaryñ ýörişine 11 milion manat, harby demir ýoluñ gurluşygyna 4.430.000 manat, dürli materiallary satyn almak we düýeleri kireýne almak üçin 3.518.000 manat harç edipdir. Şol döwürler üçin munça pul ägirt köp çykdaýjy bolupdyr. Tutuş Orta Azyýany basyp almak üçin patyşa hökümetiniñ harç eden bary-ýogy 737.342 manatdan ybarat çykdaýjysy bilen deñeşdireniñde, beýle çykdaýjynyñ neneñsi köpdügine has aýdyñ göz ýetirýärsiñ. Ahal ilatynyñ basybaljy goşuna garşy uzak wagtlap gahrymançylyk bilen göreş alyp barandygy sebäpli, patyşanyñ şeýle gymmat düşýän harby çykdaýjylar etmäge mejbur bolupdyr.

Skobelewiñ ýörişiniñ nähili uly möçberde bolandygyna şeýle bir fakt hem şaýatlyk edýär; harby hereketlere taýýarlyk görülýän we olaryñ amala aşyrylýan döwründe ilatdan kireýne ýa-da zorluk bilen alnan 12596 düýäniñ 12246-sy ölüpdir. Düýelere artykmaç ýük urlupdyr, wagtynda ot-suw bermändirler. Türkmen düýekeşleriniñ maslahatyna gulak asmandyrlar, agyr ýüküñ astynda tapdan gaçan hem horlanan düýelere dynç bermändirler, örä goýbermändirler, gaýta tä çöküp galýança işledipdirler. Şonuñ üçinem düýeler uwçdan tutma gyrlyp gutarypdyr.

Taryhy paýhasyñ eýesi bolan adamlarayñ, aýdyñ bähbitlere, aýdyñ talaplara gulluk edýän adamlaryñ döreýändigini unutmak bolmaz. Şonuñ üçin hem Gökdepe galasyny goraýjylary pähim-paýhassyz görkezmek nädorudyr. Olar öz topragyny goramaga añly-düşünjelilik bilen taýýarlyk görüpdirler we gorapdyrlar. Elbetde olar başa düşjek betbagtçylygyñ nähili uly möçberde boljagyny aýdyñ göz öñüne getirip bilmändirler. Başgaça aýtsañ subýektiw faktorlar taryhda juda uly rol oýnaýar, käbir şertlerde bolsa adatdan daşary uly ähmiýete eýe. Şeýle bolansoñ, Gökdepe galasyny almak üçin görülen taýýarlyklar we harby hereketleriñ geçirilmegine gatnaşan, hatta gala urş-söweşsiz boýun egäýen halatynda-da Ahalyñ türkmenlerine süten etmäge öñünden meýilli bolan käbir şahsyýetleriñ roly barada durup geçesimiz gelýär. Mysal üçin Grodokow «Tekeleriñ häsýetinde ýekeje-de özüne çekiji alamat ýok» diýp hasap edipdir. «Türkmenleriñ biziñ häkimiýetimiz astynda geljekde nähili

boljakdygyny aýtmak kyýn…munuñ iñ golaýdaky netijesi işlemäge endik etmedik we urşmaga mümkinçiligi bolamadyk türkmenleriñ ölüp gitmeginden ybarat boýlar» diýp, uly welikik satypdyr. Onuñ pikriçe, Türkmenler ýer şarynyñ ýüzündäki gara tegmilimiş, olar adamzat üçin utançmyş, adamzat olara çydam edip ýörenmiş. İne ýörişiñ ştabyna ýolbaşçylyk eden adamyñ ynanjy.

«Türkmenistandaky urş hakda» özüniñ dört tomluk kitabyny galdyran Grodokowdan başga-da zanny ýaman şownizmi we jynsparazlygy bilen tapawutlanan adamlar bolupdyr. Goşunyñ komandiri Skobelewiñ boluşy hem şondan ebaly bolmandyr. Ýañy birnäçe ýyl mundan ozal Sowet Soýuzynda çap bolan makalalaryñ köpüsinde Skobelewi öwüp arşa çykardylar. Olaryñ hemmesi 1882-nji ýylyñ tomsunda general Skobelewiñ tarpa-taýyn ölümi mynasybetli ýazylan gussany ýatladýar. Şonda şol gazetler Skobelewi «Hudaýyñ serkerde edip döredendigi» hakda ýazlypdyr.

19-nji asryñ 70-80–nji ýyllarynda Orsýet patyşasynyñ Orta Aziýadaky harby hereketlerinde Skobelew gaty namartlyk edipdir, gabahatlyk edipdir. O.Aziýadaky hereketlerinde ol hemişe öz döwürdeşi, Britan reaksiýon döwlet işgäri, gündogar halklarynyñ ganym duşmany hem sütemkäri grof.B.D.Bikonesfild,iñ prinsiplerini goldapdyr, onuñ «gündogar halklaryny diñe ýenjip oñman, olaryñ añyny-da ýeñmek» gerek diýen sözlerini häli-şindi gaýtalapdyr. Şu prinsipe eýermek bilen, Skobelew (entek ýaş ofiserkä) general Golowaçyñ 1873-nji ýylda Hywa türkmenleriniñ garşysyna guran jezaberiji ýörişinde, soñra 1876-nji ýylda Garganada Hokand hanlygyndaky gozgalañy basyp ýatyrmakda we 1880-1881–nji ýyllarda Gökdepe galasyny basyp almakda aýratynam «özüni görkezipdir».

1880-nji ýylyñ dekabrynda, 1881-nji ýylyñ ýanwarynda Gökdepe galasy alnanda, ol hut şeýle edipdir. Ol galany 70 top bilen zabt edipdir. Skobelew Gökdepä ýörişine başlanmazyndan has öñ Hazar deñiz ýakasynda ýaşaýan ýomut türkmenleriniñ arasynda öwünjeñlik bilen şeýle diýpdir: «Güýç meniñ elimde, men duşmanlary ýok ederin. Her damja rus gany üçin duşman ganyny derýa akdyraryn». Ol galany goraýjylaryñ garşysyna çäksiz gahar-gazap bilen barypdyr. Türkmenler oña «gözi ganly» diýpdirler. Bu bolsa generala berilen gysgajyk emma gaty ýeterlikli häsýetnamadyr.

Skobelewi ynjalykdan gaçyrýan, howsyla salýan esasy zat galany goraýjylar birden ony taşlap, Garaguma siñip gidibermesinler diýen ünji bolupdyr. Ýörişe gatnaşyjy Kropotkin öz gündelik depderinde şeýle ýazypdyr: «Gökdepedäki galanynyñ özüniñ hiç hili ähmiýeti ýokdy. Esasy zat onuñ içine köp ilatyñ ýygnanandygy, şonuñ üçinem türkmenleri galanyñ içinden çykarmazlyk, galany taşlap gumuñ içinde gizlenmekleri mümkindi… Galany zabt etmeli gün näçe ýakynlaşdygyça tekeler galadan yza çekiläýmasynlar diýp, Skobelew şonça howsyla düşýärdi. Onuñ bu howsylasy türkmenleriñ 1881-nji ýylyñ 4-nji ýanwaryndaky şowsuz çozuşyndan soñ aýratynam artypdyr. «Skobelew gabawa düşenleri galadan çykarmajak bolup hemme zat edipdir, her hil mekirliklere, üns sawyjy manýowerlere ýüz urupdyr. Patyşa goşunlarynyñ galany hüjüm edip almaga güýji ýok, olar bu golaýda hüjüme geçip bilmezler diýdirjek bolup çalşypdyr, özi bolsa ýeriñ asty bilen galany zabt etmäge taýýarlyk görüpdir, nagym gazdyrypdyr. 1881-nji ýylyñ 12-nji ýanwarynda ir bilen galanyñ diwarlaryny partladyp, ony basyp alypdyr. Gala synandan soñ hiçbir günäsi bolmadyk müñlerçe adamy şol sandan aýalardyr çagalary hem gyrypdyr.

Bu bihaýa general hatta ölüm ýastygynda jan howluna urnup ýatyrka, papazyñ (keşişiñ) «Gökdepe galasynda hiçbir ýazyksyz 8 müñ adamy gyrañyz üçin Allanyñ öñünde wyjdan azabyny syzýan-a dälsiñiz-dä» diýen soragyna: «şonuñ 80 müñ bolmadygyna ahmyr ahmyr edýärin» diýp jogap beripdir.



“Gökdepe galasynyñ basylyp alynmagy mynasybetli”
diýen patyşanyñ döreden ýörite medaly[11]

****************************

Gökdepe tragediýasy hakynda Türkmenistanyñ görnükli ýazyjysy merhum Ata Gowşudow 1950-njy ýyllarda ”Perman”[12] romanyny ýazdy. Bu romana gadagançylyk girizildi, oña diñe 1989-njy ýylda çap edilmäge rugsat berildi.

*Akmyrat Gürgenli*

*Taryh ylymlaryñ kandidaty*

*12.01.2010*

[11] N.Rahymowyñ makalasyndan alnan surat
[12] Gowşudow.Ata. Perman. Nargylyç Hojageldiniñ tagallasy bilen. Türkmenistan. 1989